TÜRKMENISTANYŇ
ADALAT
MINISTRLIGI

744036, Aşgabat şäheri, Arçabil şaýoly, 150-nji jaýy
Telefon: (+993 12) 39-19-21; Faks: (+993 12) 39-19-71

MINISTRY
OF JUSTICE
OF TURKMENISTAN

150th building, Archabil avenue, Ashgabat city, 744036
Telephone: (+993 12) 39-19-21; Fax: (+993 12) 39-19-71

«20» 04 2026 ý. № 02-27/3664

*Siziň 2026-njy ýylyň 15 -nji aprelinde iberen 1242 belgili hatyňyza*

**Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligine**

Siziň iberen "Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynda elektron resminamalary pudagara alyşmak hakynda Birkysmy ylalaşygy we Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň operatory bilen Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň gatnaşyjysynyň arasyndaky Birkysmy şertnamany tassyklamak hakynda" Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministriniň 2026-njy ýylyň 6-njy aprelinde çykaran 48/1-iş belgili buýrugy Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2026-njy ýylyň 18-nji aprelinde 1939 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnandygyny habar berýäris.

**Ministriň orunbasary** **B.Myradow**

TÜRKMENISTANYŇ
ARAGATNAŞYK MINISTRLIGI
Gelen № 26/2510
«20» 04 2026 ý.
Jogapkäriň goly
3

Türkmenistanyň Adalat ministrligi
tarapyndan
2026-njy ýylyň "18" aprelinde
1939 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine
alyndy

"Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynda elektron resminamalary pudagara alyşmak hakynda Birkysmy ylalaşygy we Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň operatory bilen Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň gatnaşyjysynyň arasyndaky Birkysmy şertnamany tassyklamak hakynda" Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministriniň 2026-njy ýylyň 6-njy aprelinde çykaran 48/1-iş belgili buýrugy

TÜRKMENISTANYŇ ARAGATNAŞYK MINISTRLIGI

MINISTRY OF COMMUNICATION OF TURKMENISTAN

**BUÝRUK** **ORDER**

«06» 04 2026 ý. № 48/1-iş

**Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynda elektron resminamalary pudagara alyşmak hakynda Birkysmy ylalaşygy we Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň operatory bilen Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň gatnaşyjysynyň arasyndaky Birkysmy şertnamany tassyklamak hakynda**

“Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň hereket etmeginiň tertibini tassyklamak hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2026-njy ýylyň 25-nji martynda çykaran 1755-nji karary bilen tassyklanan, Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň hereket etmeginiň tertibiniň talaplaryny ýerine ýetirmek, şeýle hem pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynda elektron resminamalary pudagara alyşmak, şol sanda elektron döwlet hyzmatlary ýerine ýetirilende, döwlet edaralarynyň maglumat ulgamlarynyň arasynda resminamalary we maglumatlaryň alyş-çalyşyny amala aşyrmagyň umumy ýörelgelerini kesgitlemek maksady bilen,

**B U Ý U R Ý A R Y N:**

1. Şulary tassyklamaly (goşulýar):

1) Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynda elektron resminamalary pudagara alyşmak hakynda Birkysmy ylalaşygyny;

2) Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň operatory bilen Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň gatnaşyjysynyň arasyndaky Birkysmy şertnamasyny.

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministriniň orunbasary Ý.Gulmämmedow, Sanly ykdysadyýeti ösdürmek bölüminiň maglumat tehnologiýalary (IT) boýunça baş hünärmeni D.Nuryagdyýew, “Türkmentelekom” elektrik aragatnaşyk kompaniýasynyň baş direktory H.Awganow gözegçilik etmeli.

**Ministr** **H.Hudaýgulyýew**

TÜRKMENISTANYŇ ARAGATNAŞYK MINISTRLIGI

**Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministriniň**
**2026-njy ýylyň "06" 04**
**çykaran 48/1-üç belgili buýrugy bilen**
**tassyklanyldy**

# PUDAGARA ELEKTRON MAGLUMAT ALYŞ-ÇALYŞ ULGAMYNDA ELEKTRON RESMINAMALARY PUDAGARA ALYŞMAK HAKYNDA BIRKYSMY YLALAŞYK

«__»___________202_ý.                                        Aşgabat şäheri

______________________________,onuň adyndan______________________
Düzgünnama esasynda hereket edýän ministr ________, bir tarapdan we beýleki tarapdan ____________________, onuň adyndan____________________
Düzgünnama esasynda hereket edýän ministr _____________, bilelikde "Taraplar" diýip atlandyrylýanlar, Türkmenistanyň kanunçylygyna esaslanyp, aşakdakylar barada şu Birkysmy ylalaşygy (mundan beýläk - Ylalaşyk) baglaşdylar:

## 1. Ylalaşygyň mazmuny

1.1 Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň (mundan beýläk – PEMU) üsti bilen elektron resminamalary alyşmak, şeýle hem sanly hyzmatlary etmek üçin "Taraplaryň" arasynda elektron özara hereket etmegi guramak bolup durýar.

## 2. Umumy düzgünler

2.1. Şu Ylalaşyk Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen ygtyýarlyklarynyň çäklerinde "Taraplaryň" arasyndaky özara maglumat alyş-çalyşynyň tertibi babatyndaky umumy we PEMU-nyň üsti bilen elektron resminamalary alyşmakda olaryň özara sazlaşykly hereket etmegi, elektron resminamalaryň göwrümi, düzümi barada talaplary kesgitleýär.

2.2 Şu Ylalaşygyň ýerine ýetirilýän döwründe "Taraplar" resminamalaryň göwrümi, düzümi barada meseleleri şu Ylalaşygyň aýrylmaz bölegi bolup durýan, "Elektron resminamalary alyşmak üçin şertler" atly Goşundy arkaly kesgitlenilýärler.

## 3. Taraplaryň arasyndaky özara maglumat alyş-çalyşygy

3.1. Şu Ylalaşygyň doly we öz wagtynda ýerine ýetirilmegini üpjün etmek maksady bilen "Taraplaryň" arasyndaky özara elektron resminamalary alyş-çalyşy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

3.2. "Taraplar" geçirilýän elektron resminamalarynyň gizlinligini we olaryň goragyny maglumaty goramak çygryndaky Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda üpjün edýärler.

3.3. Alnan elektron resminamalaryň üçünji taraplara geçirilmegine ýol berilmeýär.

3.4. Şu Ylalaşygyň çäklerinde alnan elektron resminamalar diňe gulluk maksatlary üçin ulanylmalydyr.

3.5. "Taraplar" habarlaşmak üçin anyk maglumatlary görkezmek bilen, pudagara maglumat alyş-çalyş etmek jogapkär işgärleri özbaşdak kesgitleýärler.

## 4. Taraplaryň borçlary

"Taraplar" şu aşakdaky borçlary öz üstüne alýarlar:

4.1.1. PEMU-nyň üsti bilen alnan resminamalardaky maglumatlar bellenilen talaplara laýyk gelmeýändigi ýüze çykan halatynda, şeýle maglumatlary ýüze çykaran "Tarap", bu barada beýleki "Tarapa" elektron poçta we/ýa-da telefon arkaly gaýragoýulmasyz habar bermäge;

4.1.2. Habar alan "Tarap", habar gelip gowşan gününden 72 (ýetmiş iki) sagadyň dowamynda laýyk gelmezlikleri aradan aýyrmaga;

4.2. elektron resminamalary alyşmak üçin Goşunda laýyklykda, awtomatlaşdyrylan ulgamlaryň arasynda özara maglumat alyş-çalyşy amala aşyrmaga;

4.3. elektron maglumat ulgamynyň gurluşynda ýa-da iş tertibinde, beýleki "Tarapyň" elektron maglumat ulgamynyň kämilleşdirilmegini talap edip biljek geljekki üýtgetmeler barada 5 (bäş) iş gününden gijä galman habar bermäge;

4.4. berilýän elektron resminamalardaky maglumatlarynyň gizlinligini we olaryň goragyny maglumaty goramak çygryndaky Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda üpjün etmäge;

4.5. gije-gündizleýin (24/7, ýagny günde 24 sagat, hepdede 7 gün) tertipde öz maglumat ulgamlarynyň we howpsuzlyk serwerleriniň işlemegini üpjün etmäge;

4.6. "Taraplaryň" maglumat ulgamlarynyň we howpsuzlyk serwerleriniň işleýşine täsir edip biljek näsazlyklaryň ýüze çykanlygy ýa-da enjamlar bilen baglanyşykly tehniki işleriň geçirilmegi barada birek-birege gaýragoýulmasyz habar bermäge;

4.7. PEMU-da maglumat ulgamlarynyň özara hyzmatdaşlyk boýunça talaplary, şol sanda maglumat ulgamlarynyň maglumat binýatlarynda bar bolan maglumatlary goramak babatynda bildirilýän talaplary, şol sanda öz maglumat ulgamlarynyň kiberhowpsuzlygyny we işgärleriň düzgünleşdirilen giriş ygtyýarlygy üpjün etmäge;

4.8. PEMU bilen baglanyşykly Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen beýleki borçlaryny doly berjaý etmäge.

## 5. Taraplaryň jogapkärçiligi

"Taraplar" şu aşakdaky ýagdaýlarda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler:

5.1. elektron resminamalarda ýoýlan ýa-da doly däl maglumatlaryň berilmegi üçin ;

5.2. "Taraplaryň" işgärleri, öz gulluk ýagdaýyndan peýdalanyp, maglumatlaryň gizlinligini berjaý etmän, olary aýan etmezlik, şeýle hem maglumatlaryň gaýry bikanun maksatlar üçin ulanylmagy üçin;

5.3. elektron sanly goluň şahsy açaryny bikanun peýdalanylmagy üçin;

5.4. şu Ylalaşyk boýunça borçlaryny ýerine ýetirmändikleri ýa-da talaba laýyk ýerine ýetirendikleri üçin.

## 6. Fors-mažor

6.1. Ýeňip geçip bolmaýan güýçleriň (fors-mažor) netijesi bilen ýüze çykan ýagdaýlaryň bolandygy we "Taraplara" bagly bolmadyk sebäpleriň netijesinde gurluşygyň möhletinde berjaý edilmezliginde "Taraplaryň" günäsiniň bolmadyk halatynda, Ylalaşyk boýunça borçnamalaryň berjaý edilmeli möhleti şol ýagdaýlaryň dowam edýän döwründe togtadylýar.

6.2. Eger bir "Tarap" tarapyndan borçnamalaryny berjaý edip bilmezliginiň ýeňip geçip bolmaýan güýçleriň (fors-mažor) netijesinde bolandygyny subut edilen halatynda, ol öz borçnamalaryny doly ýa-da bölekleýin berjaý etmänligi üçin jogapkärçilikden boşadylýar.

Şunda görkezilen ýagdaýlaryň netijesinde jogapkärçiliginden boşadýan sebäpler Türkmenistanyň degişli döwlet edaralary tarapyndan kesgitlenilmelidir we tassyklanylmalydyr.

6.3. Ýeňip geçip bolmaýan güýçleriň (fors-mažor) netijesi bilen ýüze çykan ýagdaýlar jemi 4 (dört) aýdan köp möhlete dowam edýän bolsa, "Taraplar" barada Ylalaşyk boýunça hyzmatdaşlygy dowam etmek boyunça çäreleri görmek barada özara gepleşikleri geçirmelidirler. Eger-de gepleşikleriň netijesinde iki aýyň dowamynda "Taraplar" ylalaşyga gelip bilmese, onda "Taraplaryň" her haýsysy şu Ylalaşygy bes edip bilerler.

## 7. Jedelleriň çözülişi

7.1. Ylalaşyk ýa-da onuň bilen baglanyşykly ýüze çykyp biljek ähli jedeller we düşünişmezlikler "Taraplaryň" arasyndaky ikitaraplaýyn gepleşikler arkaly çözülmelidir. Özara gepleşikleriň netijesinde ylalaşyk gazanylmadyk halatynda, jedeller Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kazyýet tarapyndan çözülýär.

7.2. Türkmenistanyň kazyýetiniň kanuny güýjüne giren çözgüdiň ýerine ýetirilmegi "Taraplar" üçin hökmanydyr we ol gutarnyklydyr.

7.3. Ylalaşyk ýa-da onuň bilen baglanşykly ýüze çykyp biljek ähli jedeller boýunça çözgüdiň kabul edilen pursadyna çenli "Taraplaryň" islendik biri tarapyndan alyş-çalyş togtadylyp bilner. Şeýle ýagdaýda maglumat alyş-çalyşyny

togtadan, “Tarap” maglumat alyş-çalyşynyň togtadylmagyna çenli 72 (ýetmiş iki) sagatdan gijä galman beýleki “Tarapa” bu barada habar berýär.

7.4. Şu Ylalaşyk “Taraplaryň” beýleki ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn şertnamalary boýunça hukuklaryna we borçlaryna degişli däldir.

## 8. Jemleýji düzgünler

8.1. Şu Ylalaşyga islendik üýtgetmeler we/ýa-da goşmaçalar Ylalaşyga Goşmaça ylalaşyk görnüşinde ýazmaça girizilýärler we “Taraplar” tarapyndan gol çekilen ýagdaýynda hukuk güýjüne eýe bolup durýarlar.

8.2. Şu Ylalaşyk deň hukuk güýjüne eýe bolan, her “Tarap” üçin bir nusgada düzüldi.

## 9. Taraplaryň salgylary

_________________________

__________________________

Ministri __________ **Ministri**

___________

Pudagara elektron maglumat
alyş-çalyş ulgamynda elektron resminamalary
pudagara alyşmak hakynda
birkysmy ylalaşyga
goşundy

## Elektron resminamalary alyşmak üçin şertler

| Elektron hyzmatyň ady | Elektron hyzmatyň mazmuny | Elektron hyzmatyny berýän tarap | Elektron hyzmatlardan peýdalanýan tarap | Elektron hyzmatlardan peýdalanýan zerurlygy |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |

Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministriniň
2026-njy ýylyň " 06 " 04
çykaran 48/1-iş belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

**Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň operatory bilen Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň gatnaşyjysynyň arasyndaky**

# BIRKYSMY ŞERTNAMA

«__»__________202_ý. Aşgabat şäheri

## 1. Umumy düzgünler

1.1. Şu Birkysmy şertnama Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 353-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministirliginiň garamagyndaky "Türkmentelekom" elektrik aragatnaşyk kompaniýasy - Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň (mundan beýläk- PEMU) operatoryň (mundan beýläk - PEMU-nyň operatory) Ofertasy bolup durýar. Ofertany yglan eden PEMU-nyň operatory bir tarapdan we PEMU-na birikdirilmäge taýýarlygyny beýan eden, şeýle hem şu Birkysmy şertnamanyň şertlerini kabul eden döwlet edarasy bolan Maglumat ulgamynyň eýesi ikinji tarapdan, (mundan beýläk- MU eýesi) mundan beýläk bilelikde "Taraplar" diýip atlandyrylýar.

1.2. Şu Birkysmy şertnamada beýan edilen teklip, PEMU-nyň operatorynyň________salgysyndaky resmi web saýtynda ýerleşdirilen pursatyndan güýje girýär we PEMU-nyň operatory tarapyndan yzyna alynýança hereket edýär.

1.3. Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 354-nji maddasyna laýyklykda, şu Birkysmy şertnamada beýan edilen teklibiniň kabul edilmegi (şertsiz kabul edilmegi) MU eýesiniň PEMU-nyň Operatorynyň adyna birikmek üçin ýüztutma iberendigi hasaplanýar.

1.4. Şu Birkysmy şertnama MU eýesi tarapyndan meýletin baglaşylýar, deslapdan onuň şertleri bilen doly tanyşdyrylýar, olaryň mazmuny MU eýesine düşnüklidir.

1.5. PEMU-nyň operatory şu Birkysmy şertnamanyň şertlerini üýtgetmäge hukuklydyr. PEMU-nyň operatory MU eýesini girizilen üýtgetmeler barada maglumatlary resmi web saýtynda ýerleşdirmek arkaly duýdurmalydyr.

## 2. Birkysmy şertnamanyň mazmuny

2.1. Şu Birkysmy şertnamanyň mazmuny MU eýesiniň PEMU-na birikdirilmegi, şeýle hem MU eýesi tarapyndan hyzmatlaryň edilmegi we PEMU-nyň üsti bilen ýerine ýetirilmeginiň guralmagy bolup durýar.

2.2. PEMU-nyň hereket etmeginiň tertibine (mundan beýläk - Tertip) laýyklykda "Taraplar" diňe MU eýesiniň PEMU-na birikdirilenden soň MU eýesiniň PEMU-na gatnaşyjy bolýandygyny ykrar edýärler.

2.3. "Taraplar" pudagara elektron hyzmatdaşlygy durmuşa geçirmek çygrynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplarynyň berjaý edilmegini üpjün etmek maksady bilen, MU eýesiniň maglumat ulgamlaryny PEMU-na birikdirmelidirler.

## 3. Taraplaryň hukuklary we borçlary

**3.1. PEMU-nyň operatory aşakdakylara hukuklydyr:**

3.1.1. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kiberhowpsuzlyk babatynda töwekgelçilikleri ýüze çykarmak we yzygiderli gözegçilik etmäge;

3.1.2. PEMU-ny dolandyrmak maksady bilen, PEMU-na gatnaşyjysynyň işini utgaşdyrmak boýunça wezipeleri we ygtyýarlyklary amala aşyrmaga;

3.1.3. PEMU-na gatnaşyjynyň öz borçlarynyň we şu Birkysmy şertnamanyň şertleriniň talaba laýyk berjaý edilmegini talap etmäge.

**3.2. PEMU-nyň operatory aşakdakylara borçludyr:**

3.2.1. PEMU-na gatnaşyjyny PEMU-na gatnaşyjylaryň Sanawynda (mundan beýläk - Sanaw) hasaba alynmagyny amala aşyrmaga;

3.2.2. MU eýesiniň maglumat ulgamlarynyň PEMU-na birikdirilmeginiň guralmagyny we utgaşdyrylmagyny üpjün etmäge;

3.2.3. PEMU bilen baglanyşykly meseleler boýunça MU eýesine degişli maslahatlary bermäge.

**3.3. PEMU-na gatnaşyjy aşakdakylara hukuklydyr:**

3.3.1 PEMU-nyň üsti bilen elektron hyzmatlar ýerine ýetirilende, döwlet edaralarynyň arasynda Birkysmy şertnama esasynda maglumatlary alyş-çalyş etmäge;

3.3.2 PEMU-nyň operatoryndan öz borçlarynyň we şu Birkysmy şertnamanyň şertleriniň talaba laýyk berjaý edilmegini talap etmäge.

**3.4. PEMU-na gatnaşyjy aşakdakylara borçludyr:**

3.4.1 Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda howpsuzlyk serweriniň autentifikasiýa sertifikatyny hem-de howpsuzlyk serweriniň elektron sanly goluň açyk açary üçin bellige alyş sertifikatyny maglumat ulgamlary üçin elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezinden almaga;

3.4.2 Öz howpsuzlyk serwerinde autentifikasiýa sertifikatynyň şahsy açarlaryny hem-de howpsuzlyk serweriniň elektron sanly goluň açyk açary üçin bellige alyş sertifikatyny gurnamaga;

3.4.3 maglumat ulgamlaryny we PEMU-nyň üsti bilen edilýän hyzmatlary we ýerine ýetirilýän wezipeleri Sanawda hasaba almaga we beýan etmäge, şeýle hem Sanawda bar bolan maglumatlary doly we ygtybarly ýagdaýda saklamaga;

3.4.4 PEMU-nyň hereket etmeginiň Tertibine we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda PEMU-na birikdirilen maglumat ulgamynyň howpsuz we bökdençsiz işlemegini üpjün etmäge;

3.4.5 öz howpsuzlyk serwerlerini gurnamaga we olary dolandyrmaga, öz maglumat ulgamy üçin adapteri (adapterleri), ýerli monitoring merkezini döretmäge, şeýle hem maglumat ulgamynyň PEMU bilen netijeli birikdirilip utgaşdyrylmagyny üpjün etmäge;

3.4.6. log-ýazgylaryň arhiwlenmegini üpjün etmäge, arhiwlenen log-ýazgylaryna ulanmaga jogapkär işgäri bellemäge we olaryň işe girizilmeginiň şertlerini kesgitlemäge;

3.4.7 PEMU-nyň üsti bilen özara hyzmatdaş ediljek maglumat ulgamlaryny dolandyrmaga;

3.4.8 Türkmenistanyň kiberhowpsuzlyk we maglumaty goramak çygrynda kanunçylygyna laýyklykda öz eýeçilik edýän maglumat ulgamlarynyň kiberhowpsuzlygyny üpjün etmäge, we maglumaty goramak babatynda degişli çäreleri görmäge, şol sanda öz guramasynyň işgärleriniň biygtyýar girmegine garşy hereket etmäge;

3.4.9 öz maglumat ulgamynyň hyzmatlaryna jogap bermäge;

3.4.10 PEMU-nyň üsti bilen edilýän hyzmatlaryň çäklerinde elektron resminamalary düzmäge, ýollamaga, kabul etmäge we olaryň üstünde işlemäge we elektron sanly goluny ulanmak bilen, degişli hereketleri ýerine ýetirmek üçin jogapkär işgäri kesgitlemäge;

3.4.11 elektron resminamalarda bar bolan maglumatlaryň dolulygyny we dogrulygyny üpjün etmäge;

3.4.12 PEMU arkaly alnan elektron resminamalary Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ulanmaga;

3.4.13 PEMU-nyň operatoryna (ýazmaça görnüşde ýa-da elektron resminama görnüşinde) hyzmatlaryň edilýän wagty ýüze çykan bökdençlikler barada, öz maglumat ulgamyndaky meýilnamalaýyn we öňüni alyş işleriň geçirilýändigi barada, PEMU bilen işlenende islendik düzgün bozulmalar we näsazlyklar barada gaýragoýulmasyz habar bermäge;

3.4.14 adatdan daşary ýagdaýlar ýüze çykan halatynda, kiberhowpsuzlygyň töwekgelçiliklerini ýüze çykarmak maksady bilen monitoringi geçirmek üçin, PEMU-nyň operatory we kiberhowpsuzlyk babatynda ygtyýarly edara bilen utgaşykly işleri alyp barmak;

3.4.15 PEMU-nyň operatory tarapyndan geçirilen monitoringiň netijeleri boýunça maglumat ulgamlarynyň kiberhowpsuzlygynyň töwekgelçiliklerini azaltmak boýunça maslahatlary ýerine ýetirmäge;

3.4.16 PEMU bilen baglanyşykly Türkmenistanyň kanunçylygynda beýan edilen beýleki borçlaryny doly berjaý etmäge.

## 4. Taraplaryň jogapkärçiligi

4.1. “Taraplar” Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda şu Birkysmy şertnama boýunça borçlaryny ýerine ýetirmedikleri ýa-da nädogry ýerine ýetirenleri üçin jogapkärçilik çekýärler.

## 5. Birkysmy şertnamanyň ýatyrylmagy

5.1. "Taraplar" tarapyndan şu Birkysmy şertnamanyň, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki talaplaryň ýerine ýetirilmezligi we/ýa-da bozulmagy şu Birkysmy şertnamany ýatyrmak üçin esas bolýar bilner.

5.2. PEMU-na gaýtadan birikdirmek üçin MU eýesi öçürilmä esas bolan ýagdaýlar aradan aýranyndan soň PEMU-nyň operatoryna täzeden ýüz tutýar.

5.3. PEMU-na gatnaşyjy, şu Birkysmy şertnamanyň ýatyrmagy meýilleşdiriýan senesine çenli 15 (on bäş) senenama gününden gijä galman, delillendirilen sebäpleri görkezmek bilen, şu Birkysmy şertnamanyň ýatyrylýandygy barada PEMU-nyň operatoryna (ýazmaça görnüşde ýa-da elektron resminama görnüşinde) deslapky habar ýollaýar.

## 6. Jemleýji düzgünler

6.1. Şu Birkysmy şertnamany ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly ýüze çykyp biljek ähli jedeller we düşünişmezlikler "Taraplaryň" arasynda gepleşikleri geçirmek arkaly düzgünleşdirilýär.

6.2. Şu Birkysmy şertnama çäklendirilmedik möhlet bilen baglaşylyp, bir "Tarap" beýleki "Tarapa" şu Birkysmy şertnamany ýatyrmak barada öňünden ýazmaça habar berýänçä hereket edýär.

6.3. Şu Birkysmy şertnama "Taraplaryň" hersi üçin deň hukuk güýjüne eýe bolan 2 (iki) asyl nusgada düzüldi.